# Köneçil

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köneçil KÖNEÇIL

Okap goşgularmy diýdiler, agam,
Pesräk ýazýaň, birnemejik göwne çyg.
Ulanýarsyň şo bir köne sözleri,
Nuh eýýamyň adamy deý köneçil!

“Sen-menden”, bil-gülden” oba göçendir,
Tapmaly del, täze-täze kapiýa.
Döwrebap ýazaýsaň, abraý gazansaň,
Gyýa geçmez şygryň gider bakyýa.

– Jedel ýok, o diýen däldirem goşgy,
Diýäýýäňiz sizem bir zady ý:öne!
Täze ýazyp, täzelenmek giç maňa,
Könedir kök alan, öwrenen döwrüm,
Özümem köne!

2022 ý. Goşgular